TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET
ÇEPERÇILIK AKADEMIÝASY

ALTYN FONDY

MERKEZINIŇ MUZEÝINE
BAGYŞLANÝAR

Redaksion kollegiýa:
A.Nuwwaýew (baş redaktor),
A. Baýlyýewa
J. Baltaýewa

Aşgabat - 2017

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÇEPERÇILIK AKADEMIÝASYNYŇ «ALTYN FONDY» MUZEÝI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň, binagärliginiň we dizaýnyň ösmegine, sungatyň taryhynyň öwrenmegine Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň uçurumlary we talyplary özleriniň mynasyp goşandyny goşýarlar. Ýaş suratkeşleriň iň naýbaşy işlerini gorap saklamak maksady bilen 2009-njy ýylda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda «Altyn fondy» merkezi döredildi. 1994-nji ýylda açylan Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýada döwrebap we dünýä ülňülerine laýyk gelýän çeperçilik ulgamy alnyp barylýar we ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda, akademiki ylmy-barlag işlerini kämilleşdirmekde giň möçberli işler durmuşa ornaşdyrylýar. Diýarymyzda çeperçilik ugry boýunça ýokary bilim berýän bu sungat ojagynda bilim alan we alýan hünärmenler dünýä tejribesini, türkmen halkynyň mirasyny çuňňur özleşdirip, täze çeper eserleri döredýärler. «Altyn fondy» merkeziniň muzeýinde çeperçilik akademiýasynyň taryhynda aýratyn orun tutýan we özüniň many-mazmuny, kompozisiýasy, reňk çözgüdi, tehniki ýerine ýetirilişi bilen aýratyn tapawutlanýan we her bir sungat söýüjini özüne bent edýär, halkara we döwlet derejesindäki bäsleşiklerine, sergilerine gatnaşyp, häzirki zaman türkmen sungatyna mynasyp goşandyny goşýan tanymal suratkeşleriň nakgaş, grafika, heýkel, dizaýn, haly, gobelen, keramika we zergärçilik işleri görkezildi.

2016-njy ýylyň dekabr aýynyň 10-nda açylan «Gujurly ýaşlar» atly sergisinde görkezilen ençeme işlerden «Altyn fonda» saýlap alynan eserleriň birnäçesi bu muzeýiň ekspozisiýasynda öz mynasyp ornuny tutar. Ýaş suratkeşleriň döredijiliginde ÝUNESKO-nyň adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna giren «Görogly» şadessanyndan alnan pursatlar Zakirjan Babaýewiň «Görogly. «Kyrk müňler» şahasy», Myratmergen Kulyýewiň «Görogly» ýaly nakgaş eserlerinde, Patdyk Patdykowyň «Görogly» heýkelinde şöhlelendirilipdir. Maksat Nurmedowyň «Gorkut ata» heýkelinde Gorkut atanyň paýhasly, akyldar, halkyň ýakyn maslahatçysy, keramatly ynsanyň keşbini döredýän bolsa, Begmyrat Akynowyň «Alp Arslan», Agaýusup Çohowyň «Baýram han» ýaly heýkellerinde taryhy şahsyýetleriň hereketleri, ýüz keşbi göwrüm taýdan sazlaşykly ýerine ýetirilip, ýagty kölegeleriň, çyzyklaryň üsti bilen olaryň häsiýetini açyp görkezmäge, içgin psihologiki mazmunyny açmaga kömek edýär. Agaýusup Çohowyň heýkelinde Baýram hanyň

keşbi Hindistanyň däplerine laýyk gelýän bezegleri bilen bezelen piliň üstünde dabaraly ýagdaýda oturan pursady suratlandyrylyp, onuň Beýik Mogollar döwletinde şahyr, döwlet işgäri we serkerde bolandygyna şaýatlyk edýär. Nöker Seýtiýewiň «Kerwenler» atly heýkel taslamasynda Garagum çölüniň içinden gidip barýan kerwen görkezilip, ol gadymy we orta asyr döwürlerinde Türkmenistanyň çäklerinden geçen Beýik Ýüpek ýolunyň bir pursady göz öňünde janlandyrýar. Peýzaž žanrynda ýerine ýetirilen nakgaş işlerinde talyplaryň Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde geçen muzeý tejribeligi döwründe ýerine ýetiren gözel peýzažlary hem muzeýiň ekspozisiýasynda özleriniň mynasyp ornuny tutýarlar.

"Altyn fondunda" talyplaryň okuw we önümçilik tejribesi döwrüniň dowamynda ýerine ýetirilen grafika boýunça işleriniň birnäçesi ýerleşdirilip, olarda ýaşlaryň kompozisiýany, proporsiýany, hereketi, öwüşgin gatnaşyklaryny, giňişligi, dürli çyzyklaryň, basmalaryň üsti bilen ýagtylyk-kölege şekillendirilip, dürli ýaşdaky zenan we erkek adamyň portretleri, milli peýzažlary, şeýle hem dürli temalar boýunça gysga wagtyň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň ilkinji nusgalary, uly göwrümli işleriň özenini düzýän suratlary göreniňde, olaryň şeýle eserleri ussatlyk bilen ýerine ýetirip bilýändigine göz ýetirersiň. Olardan Döwletgeldi Gurbanowyň «Şasenem kenizleri bilen» atly stanok grafika eseri «Şasenem – Garyp» dessanyna bagyşlanypdyr. Yşky temasynda ýazylan bu dessanyň baş gahrymanlary Şasenem bilen Garybyň ýüz keşpleriniň umumy sudury görünýär. Şasenem patyşanyň gyzy, köşgüň merdiwanyndan dynç alyp duran kenizleriň ýanyna barýan pursady şekillendirilipdir. Taslamanyň merkezinde ýerleşdirilen Gülnahalyň (Akjanyň) we Ezberhojanyň keşpleriniň üsti bilen söýgä, dosta wepadarlyk, tutanýerlilik, salyhatlylyk, ugurtapyjylyk ýaly gowy gylyk-häsiýetleri şöhlelendirilýär. Iňçe çyzyklary bilen çekilen şekiller ak bilen gara reňkleriň arasyndaky ýiti gapma-garşylygyň has ýumşak bolmagyna getirýär.

Muzeýiň ekspozisiýasynda durjak amaly-haşam sungatyna degişli eserlerinden Şeker Hudaýberdiýewanyň «Oguz han» atly haly portreti çeperçilik akademiýasynyň taryhynda döredilen ilkinji şekilli halylarynyň biri bolup, onuň merkezi meýdanynda Oguz hanyň keşbi nakgaşlyk sungatynyň tilsimlerine laýyk gelýän çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen ýerine ýetirilip, gyra nagyşlarynda oguz taýpalarynyň tagmalarynyň şekilleri ýerleşdirilipdir. Maksat Ýolamanowyň «Ak bugdaýyň Watanydyr diýarym» atly haly eseri Änewdäki Seýit Jemaleddin metjidiniň toplumyndaky aždarhaly mozaikasy ýerleşdirilip, onda Pazyryk depeden tapylan türkmen halysyndaky merkezi gölüniň nagşy oguz

taýpalarynyň tagmalary bilen gezekleşdirilen görnüşinde berlipdir. Nabat Nabatowanyň «Çyrpyly natýurmort» atly haly natýurmortynda türkmen sary çyrpynyň üstündäki mejimede gawundyr, garpyzlaryň şekilleri ownuk böleklerine çenli nepislik bilen dokalypdyr. Jeren Bäşimowanyň «Bagtyýarlyk mukamy» we Şirin Gylyjowanyň «Sähra» ýaly şaý-sep toplumlarynda, Enebaý Annaberdiýewanyň «Mukam» atly gyjak bezeginde, Aýgül Ýazmyradowanyň «Akpamyk» atly gupbasynda milli türkmen zergärçiliginiň çeper däpleri dowam etdirilip, döwrebap temalaryň we pikirleriň baýlaşýandygy görkezilýär. Ýaş külalçylaryň eserlerinden Habiba Hojaniýazowanyň «Galkynyş» atly küýzesinde oýma görnüşinde ýerine ýetirilen nagyşlar orta asyr binagärliginiň bezegini ýatladýar. Jennet Annageldiýewanyň «Jennet bagy», Sähra Ataýewanyň «Nagyşlaryň owazy», Sähra Ataýewanyň «Milli nagyşly küýze» ýaly külalçylyk önümleri ýaşlaryň şamot, terrakota, syrça we beýleki materiallardan ussatlyk bilen peýdalanmagy başarýandygyny we täze kompozisiýalaryň üsti bilen milli keramikanyň özboluşlylygyny beýan edip bilýändigini görkezýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerini gorap saklamakda, olary wagyz-mahabat etmekde Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda açylan «Altyn fondy» merkeziniň muzeýi aýratyn orun tutup, geljekde ýaş suratkeşlere ýol görkeziji bolup, olaryň ata-Watany, onuň gözel tebigaty, agzybir jebis halky barada ýatdan çykmajak eserleri döretmeklige hyjuwlandyrar.

Jeren Baltaýewa
Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň
«Sungaty öwreniş» kafedrasynyň mugallymy

"ALTYN FONDY" MERKEZINIŇ MUZEÝI

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda "Altyn fondy" merkeziniň muzeýiniň açylmagy örän wajypdyr. Dünýä döwletleriniň çeperçilik akademiýalarynda talyplaryň işlerinden ybarat bolan çeperçilik ýygyndylary hem muzeýleri bar. Şeýle muzeýler bolmagy medeniýetiň, sungatyň diňe suratkeşleriň hazynasy däl-de, geljekki nesillere medeni mirasdyr.

2016-njy ýylda Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýamyzda döredilen we zehinli talyplary jemlenen "Gujurly ýaşlar" topary döredilmegi hem diýseň buýsandyryjydyr. Bu zehinli talyplaryň döreden özboluşly, çeperçilik taýdan täsirli eserleri Altyn fonduň hasabyna alyndy. Bu hem talyplaryň has-da yhlasly okamagyna ýardam edýär.

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda 2009-njy ýylda Altyn fondy döredildi. Talyplaryň okuw we tejribelik döwründe gözel diýarymyzyň dürli künjeklerinde, şol sanda ak şäherimiz Aşgabatda, irginsiz yhlaslary netijesinde ýerine ýetirilen we çeperçilik taýdan aýratyn tapawutlanan nakgaş, grafika, heýkel, amaly-haşam sungatynyň eserleri girýär. Eserleriň hemmesinde halypa mugallymlardan bilim alýan ýaş suratkeşleriň peýzaž, portret, taryhy we durmuşy žanrlarda halkymyzyň baý geçmişini we bagtyýar şu gününimizi, milliligimizi, tebigatymyzyň ajaýyp görnüşlerini aýdyň görmek bolýar. Altyn fonduň hasabana girýän nusgalyk işler ýyl-ýyldan artýar. Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akadademiýasynda "Altyn fondy" atly sergi ilkinji gezek 2016-njy ýylyň 9-njy fewralynda gurnalyp geçirildi.

Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýylynda gözel paýtagtymyz Aşgabat şäherinde sentýabr aýynyň 17-sine badalga aljak Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary hem türkmen halkynyň tarynda ýatdan çykmajak taryhy waka beslener. Ine ýokary derejede geçiriljek Aziada 2017 bilen baglanyşykly, döredijilik işlerde ýerine ýetirilip onuň waspy beýan edilýär. Biziň Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyplary hem şeýle ösüşli, taryhy pursatlary öz döredijilik eserlerine geçirýärler, örän ajaýyp sungat eserlerini döredip döwrümiziň ösüşlerine mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Şu temadan T. Mehtiýewiň "Galkynyş", M. Çaryýewiň "Sport", Z. Sähedowanyň "Atly ýöriş", A. Çüriýewanyň "Aziada ýöriş" atly eserlerini bellenilmäge mynasypdyr. Bu nakgaş

eserleriniň ählisinde Watanymyzyň, halkymyzyň Berkakar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň buýsançly zamanamyzyň waspy çeper eserde özboluşly suratlandyrylýar.

Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýylynda çeperçilik akademiýamyzda döredilen "Altyn fondy" merkeziniň muzeýiniň hut şu ýylda açylymagy hem buýsandyryjy we özboluşly mana eýedir. Sebäbi paýtagtymyz Aşgabatda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça geçiriljek V Aziýa oýunlary geçirilmegi bilen daşary ýurt döwletlerinden geljek ençeme myhmanlara garaşylýar. Islendik döwlete barylanda şol ýurduň muzeýlerine syýahat edilýär we onuň netijesinde döwletiň taryhyny we häzirki ösüşini görmek bolýar. Çeperçilik akademiýamyzda döredilen "Altyn fondy" merkeziniň muzeýi hem geljek daşary ýurtly myhmanlaryň ünsüni özüne çeker.

Hormatly Prezidentimiziň belleýişi ýaly: "Dünýäniň hiç bir döwleti hem muzeýsiz, halkyň taryhy geçmişi baradaky gymmatly maglumatlary bir ýerde jemleýän mirashanalarsyz oňup bilmeýär. Bu özboluşly hakykat hazynalary halkyň asylly ýolunyň, medeniýetiniň we sungatynyň, toplan ylmynyň, döreden ruhy gymmatlyklarynyň genji-hazynasydyr". Hut şu nukdaýnazaryndan görnüşi ýaly çeperçilik akademiýamyzda döredilen "Altyn fondy" merkeziniň muzeýiniň hem mynasyp orny bardyr.

Bu babatda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda sungat ojagymyz hasaplanýan Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasynda dünýä ülňülerine laýyk gelýän şertler döredilen. Talyp ýaşlarymyz Hormatly Prezidentimiziň döredip berýän şeýle uly mümkinçiliklerden peýdalanyp, jogap edip bu sungat ojagymyzda yhlasly zähmet çekip özleriniň ukyp başarnyklaryny görkezip, Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Biziň milli medeniýetimize we sungatymyza uly üns berýän biziň ýokary derejeli işine ezber hünärmenler bolyp ýetişmegimiz üçin çäkiz aladalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň janynyň sag, belent başynyň aman bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriniň elmydama rowaç almagyny tüýs ýürekden arzuw edýärin!

Guwanç Mämiýew
Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň
"Sungaty öwreniş" kafedrasynyň
II ýyl talyby

ALTYN FONDUŇ ÝYGYNDYSYNDAN

Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasynda döredilen Altyn fondyň muzeýinde serginiň açylmagy talyplaryň döredijilik hyjuwynyň artmagyna ýardam edýär. Elbetde her gezekki gurnalýan sergiler täze zehinlileri ýüze çykarýar. Döredilen eserleri synlanyňda ýaş suratkeşleriň haýsy çeperçilik ugurlara üns beryändiklerini görmek bolýar. Birnäçe ýyllardan bäri çeperçilik akademiýanyň "Altyn fonduna" talyplaryň ýyllyk we diplom işleriniň, döredijilik işleriniň iň gowylary saýlanyp alynýar. Bu çeperçilik sergisinde nakgaşçylyk, heýkeltaraşlyk, grafika, dizaýn, amaly-haşam sungatyna degişli eserleri ýerleşdirilipdir. Sungat görnüşleriniň dürli žanrlarynda döredilen eserler çeperçilik serginiň has-da täsirli bolmagyna itergi berdi. Muzeýiň ekspozisiýasynda türkmen halkynyň däp-dessurlaryny, taryhy şahsyýetlerini, toý baýramlaryny, gazçylaryň waspyny sözleýän birnäçe eserler tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekdi. Nakgaşlaryň, keramikaçylaryň, halyçylaryň, zergärleriň işlerini synlanyňda reňk sazlaşygy, beýän edilýän wakalary, ata-babalarymyzdan gelýän haşam diliniň çeperçilik aýratynlyklary ýaş suratkeşleriniň zehinini, döredijilik ukybyny, özboluşlylygyny görkezip, her bir adamyň ruhuny has-da belende göteryär.

Merdan Abdyrahmanowyň "Gazçylar", Muhammet Gubyýewiň "Gökdepe", Myratmergen Kulyýew "Görogly", Zakirjan Babaýewiň "Görogly. Kyrk müňler şahasy" hem "Güýz" ýaly nakgaş eserleri, Ýakup Nurmyradowyň "Sapak wagty", Kerim Berdiýewiň "Soltan Sanjar Gündogaryň alymlary bilen söhbetdeşlikde", Zöhre Sähedowanyň "Atly ýöriş", Mahym Çerkezowanyň "Gurluşykçylar" ýaly nakgaş eserleri, Gyzylgül Hudaýberdiýewanyň "Türkmen sirki", Perhat Töräýewiň "Ak şäherim Aşgabat" grafika eserleri, Maksat Muhammedowyň "Gorkut ata", Agaýusup Çohowyň "Baýram han", Nöker Seýtiýewiň "Kerwenler" ýaly heýkellerini synlanyňda ýaş suratkeşleriniň ýeten belent sepgitlerini görmek bolýar. Merdan Abdyrahmanowyň "Gazçylar" atly eseri gazçylaryň zähmet çekýän pursadyny görkezýär. Ýaş suratkeş bu eserini döretmek üçin gazçylaryň arasynda bolup birnäçe etýudlary ýerine ýetiripdir. Eseriň kompozision çözgüdi hem ýerine düşüpdir. Nöker Seýtiýewiň "Kerwenler" atly eseri çölüň içinde gidip barýan kerweniň uly toparyny görkezýär. Mahlasy bu eser Beýik Ýüpek ýolunyň pursadyny ýadyňa salýar. Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň waspy Zöhre Sähedowanyň "Atly ýöriş", Meýlis Çaryýewiň "Sport", Amandursun Çüriýewanyň

"Aziada ýöriş" ýaly nakgaş işlerinde suratlandyrylýar.

Talyplaryň şeýle ajaýyp eserleri döretmeklerinde ussat halypalaryň uly ornunyň bardygyny bellemek bolar. Şeýle sergileriň yzygiderli gurnalmagy talyp ýaşlaryň döredijilik ukybynyň ösmegine ýardam berýär. Temalaýyn çeperçilik sergiler şekillendiriş sungatynyň ýeten sepgitleri bilen birlikde döwrüň öňe sürýän ideýasyny, ýörelgesini görkezýär.

Altyn fondyň muzeýinde şeýle çeperçilik sergisi her bir talybyň, mugallymlaryň we halypalaryň yhlasynyň miwesi bolup, ýaşlaryň döredijilikli işlemeklerine we kämil eserleri döretmeklerine itergi berýär. Biz talyp ýaşlaryň okamaga, öwrenmäge giň mümkinçilikleri döredip beren Hormatly Prezidentimiziň jany sag, belent başy aman bolsun! Il-ýurt bähbitli beýik işleri hemişe rowaç alsyn!

Döwletgeldi Gutlyýew
Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň
"Sungaty öwreniş" kafedrasynyň
I ýyl talyby

Zöhre Sähedowa. Atly ýöriş. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 150x232

Merdan Abdyrahmanow. Gazçylar. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 165x200

Muhammet Gubyýew. Gökdepe. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 200x500

Zakirjan Babaýew. Görogly. «Kyrk müňler» şahasy. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 700x335

Myratmergen Kulyýew. Görogly. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 300x480

Bakygeldi Sytdykow. Parfiýa atlary. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 285x235

Bahar Gylyçlyýewa. Bagtyýar döwrümiň gelin-gyzlary. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 200x200

Batyr Soltanow. Nebitçiler. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 150x300

Meýlis Çaryýew. Gökdere. 2012.

Kagyz, guaş. 60x70

Merjen Kurbangeldiýewa. Seýilgäh
Kendir, ýagly reňk. 60x80.

Gurban Babatäjow. Ÿanbaşda güýz. 2015.
Kendir, ýagly reňk. 100x80

Zakirjan Babaýew. Güýz. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 120x100

Bakygeldi Sytdykow. Kazanskiý sabor. 2015.

Kendir, ýagly reňk. 45x65

Zakirjan Babaýew. Rus Döwlet muzeýi. 2015.
Kendir, ýagly reňk. 45x65

Zakirjan Babaýew. Sankt-Peterburg. 2015.
Kendir, ýagly reňk. 48x67

Zakirjan Babaýew. Sankt-Peterburg. 2015.
Kendir, ýagly reňk. 50x70

Zakirjan Babaýew. Aman agaň portreti. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 47x37

Myratmergen Kulyýew. Sona mama. 2012.
Kagyz, suwly reňk. 80x60

Ogulsuraý Rozykulyýewa. Babageldi Owganow. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 114x120

Meýlis Çaryýew. Natýurmort. 2012 .
Kendir, ýagly reňk. 50x60

Zakirjan Babaýew. Natýurmort. 2015.
Kendir, ýagly reňk. 75x90

Annagurban Halmyradow. Narly natýurmort. 2016.
Kendir, ýagly reňk. 45x150,5

Gyzylgül Hudaýberdiýewa. Türkmen sirki. 2016.
Kömür, pastel, sepiýa. 170x275

Döwletgeldi Gurbanow. Şasenem kenizleri bilen. 2016.
Kagyz, tuş, pero. 70x200



Dilaram Hojainowa. Kejebe. 2017.
Kagyz, tuş, pero. 23x22

Myratmergen Kulyýew. Enem. 2014.
Kagyz, galam. 85x60



Ýelena Şigaýewa. Deňiz dünýäsi. 2006.
Litografiýa. 21x30

Nurana Açilowa. Ýadygärlik. 2013.
Linograwýura. 28x21

Nöker Seýtiýew. Kerwenler. 2016.
Guýlan emeli mermer. 147x31x26.

Maksat Nurmetow. Gorkut ata. 2016.
Reňklenen gips.140x68x64

Agaýusup Çohow. Baýram han. 2016.

Reňklenen gips. 90x66x34

Begmyrat Akynow. Alp Arslan. 2016.

Reňklenen gips. 65x56x21

Patdyk Patdykow. Görogly. 2016.
Reňklenen gips 110x100x55vv

Ş. Niýazow. Garagum. 2000.

Ýüň, nah, el dokma. 131x190

Şeker Hudaýberenowa. Oguzhan.
Ýüň, nah, el dokma. 200x130

Şemşat Nepesowa. Sagdyn nesil. 2016.
Ýüň, el dokma. 70x120

Şemşat Nepesowa. Narly natýurmort. 2015.
Ýüň, nah, el dokma. 65x65

Nabat Nobatowa. Çyrpyly natýurmort. 2016.
Ÿüň, el dokma. 55x75

Serdargeldi Gurbanmämmedow. Gawunly natýurmort. 2016.
Ýüň, nah, el dokma. 53x77

Eziz Tejenow. Sowgatlyk önümi. 2007.
Latun, hakyk, sirkon, altyn çaýylan

Maýa Bähbitowa. Atly riton. 2014.
Latun, mermer daşy

Kadyr Bekgylyjow. Ak şäherim Aşgabat. 2014.
Latun, melhior

Merdan Allakulyýew. Serdeser. 2008.
Latun, hakyk, pöwrize, gyzyl çaýylan

Owadan Kulyýewa. Türkmen sporty. 2014.
Latun, mermer daş, sirkon

Meýlis Moşşyýew. Buýsanjymyz bedew. 2014.
Latun, hakyk, pöwrize, gyzyl çaýylan

Mekan Saparow. Mukam. 2009.

Latun, melhior, pöwrize, nefrit, mermer

Enebaý Annaberdiýewa. «Mukam» atly gyjak bezegi. 2016.
Latun, melhior, hakyk, pöwrize

Şamuhammet Rejebow. Natýurmort. 2014.
Mermer, oniks, agat

Beggeldi Zarlykow. Gylyç. 2015.
Latun, melhior, hakyk, pöwrize, sirkon, syrça



Eziz Artykow. «Pursat» atly pyçagy. 2016.
Latun, melhior, hakyk, pöwrize

Abdylla Allanurow. Heýkel. 2017.
Latun, melhior, hakyk

Aýgül Ýazmyradowa. «Akpamyk» atly gupbasy. 2016.
Latun, melhior, hakyk, pöwrize

Aýjemal Çaryýewa. Tumar şa. 2013.
Kümüş, melhior, pöwrize, hakyk, gyzyl çaýylan

Jeren Bäşimowa. Bagtyýarlyk mukamy. 2016.
Latun, melhior, hakyk, pöwrize

Şirin Gylyjowa. «Sähra» atly şaý-sep toplumy. 2016.
Latun, melhior, hakyk, pöwrize

Enejan Berdiýewa. Joralar. 2012.

Toýun, şamot, syrça

Oguldöndi Baýramgeldiýewa. Gelinler. 2012.
Toýun, şamot, syrça

Hezretguly Annageldiýew. Ýaremezan. 2012.
Toýun, şamot

Nurjemal Seýitberdiýewa. Çarhypelek. 2014.
Toýun, syrça

Ahmet Orryýew. Milli miras. 2016.
Toýun, syrça

Suraý Ýahýaýewa. «Saýatly-Hemra» dessany. 2016.
Toýun, syrça

Sähra Ataýewa. Milli nagyşly küýze. 2016.
Şamot, syrça

Jennet Annageldiýewa. Jennet bagy. 2016.
Şamot, syrça

Sähra Ataýewa. Nagyşlaryň owazy. 2016.
Toýun, syrça

Habiba Hojanyýazowa. Galkynyş. 2016.
Toýun

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET
ÇEPERÇILIK AKADEMIÝASY

ALTYN FONDY

MERKEZINIŇ MUZEÝI

Awtor:	G. Mämiýew, D. Gutlyýew
Kompýuter dizaýn işi:	G. Mämiýew, P. Hojamow
Fotosuratçy:	G. Mämiýew, D. Gutlyýew
Redaktor:	J. Baltaýewa

SAGDYNLYGYŇ WE RUHUBELENTLIGIŇ ÝYLY
TÜRKMENISTAN
2017